# Manzara

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Manzara MANZARA



Çalaja tisginip oýansaň säher
Ýaprakdan syrylýan damjaň sesine.
Köňülde çyrpynyp müň dürli heser,
Dyrmaşar höwesiň çür depesine.
Günüň çykjak ýeri gyzaryp çala,
Golaý geler ak säheriň serhedi.
Älem ýüzi bara-bara agarar,
(Gudrat şu pursaty baky bersedi!).

Guşlar şadyýana saýraşyp başlar,
Owazy çesmedir-ýürege ýeter.

Tikejiň yzy dek sansyz ýyldyzlar
Asman gümmezine siňerde gider.

Aý bir çetde görner öýkeli kimin,
Hemem öz täsirin ýitiren ýaly.
Ahmyrly garaşýar günüň batarna,
(Nurly gün ýanynda gowşakdyr saly).

Bakarsyn çarýana, gözleriň doýmaz,
Tebigi gözellik alar erkiňi.
Göreçleňden geçip, kalbyňa siňer,
Eglejek bolarsyň alnan her demi.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular